# Türkmen dagy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmen dagy TÜRKMEN DAGY

■ «DIRELIŞ. ÄRTOGRUL» teleserialynda okalan «TÜRKMEN DAGY» goşgusy

Türk teleýaýlymlarynyň reýting rekordsmeni bolan «Direliş. Ärtogrul» teleserialynyň 42-nji bölüminde okalan «Türkmen dagy» goşgusy» seriala tomaşa edenleri we goşgyny diňläp görenleri biperwaý goýmasa gerek.
Bölüm sany eýýäm 150-den geçen teleserialda Adyl Şan atly siriýaly türkmeniň okan «Türkmen dagy» goşgusy öz wagtynda serialyň muşdaklaryny duýgulandyrypdy.
Agzalan bölümde obanyň üstünden ýoly düşen türkmen ozany Ärtogrula we onuň alplaryna «Türkmen dagy» goşgusyny okap berýär. Goşgy şol wagt Türkiýäniň internet ulanyjylarynyň iň köp gyzyklanan we teswir ýazylan temasy bolupdy.

■ Türkmen dagy

Duman çökmüş Gyzyl dagyň başyna,
Şehit düşmüş topragyna, daşyna,
Bakmadylar gözden akan ýaşyna,
Aglaşyp gitdiler Türkmen dagyna.

Daglarda duşmanlar herýan dolaşýar,
Ýagy gelip türkmenlere dalaşýar,
Ene-bajy şehidine aglaşýar,
Dag basyp gitdiler Türkmen dagyna.

Urdular, sürdüler bizi obadan,
Kuwwat bersin bize beýik Ýaradan.
Ölsegem dänmeris hergiz bu ýerden,
Dagadyp gitdiler Türkmen dagyny.

Alparsan, Süleýmanşa nesilleri,

Enelermiz şir dogrupdyr bulary.
Biziñ üçin pida edip janlary,
Ýurt edip gitdiler Türkmen dagyny.

Túrkmen ogly, kesme umydyñ Hakdan,
Ežžat mirasydyr bu gözel Watan!
Ýeñşin baýram eder bu goşun hökman,
Taryhy ýazarlar Türkmen dagyna! Goşgular